TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGINIŇ TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTYNYŇ

31.07. - 07.08.2026ý. senesi aralygynda ýerine ýetiren işleri barada HEPDELIK SANLY HASABATY

GEÇIRILEN ÇÄRELER

2026-njy ýylyň 29-njy iýulynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at – myradyň mekany» ýylynda TDMal-niň uly mugallymy Nyýazsoltan Nobatowanyň Türkmenistanyn Bilim ministrliginde Hormatly Prezidentimiziň 10-njy iýulda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beren tabşyryklaryndan hem-de Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň 15-nji iyulda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde eden taryhy çykyşynda beren gymmatly maslahatlaryndan ugur alyp, geçirilen «TÜRKMENISTANYN HALK MASLAHATY-AGZYBIRLIGIŇ, JEBISLIGIŇ, ÖSÜŞLERIŇ AÝDYŇ ÝOLY» atly maslahaty mynasybetli çykyşy ýazgy edildi.

GEÇIRILEN ÇÄRELER

2026-njy ýylyň 29-30-njy iýulynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at – myradyň mekany» ýylynda TDMal-niň mugallymy Hajybaý Annaýew ŸHHG-nyň Aşgabatdaky merkeziniň gurnamagynda «Tebigy betbagtçylyklara we howanyň üýtgemegine durnukly, ykdysady taýdan netijeli ulag düzümini ösdürmek» atly okuw maslahatyna gatnaşdy.



GEÇIRILEN ÇÄRELER

2026-njy ýylyň 31-nji iýulynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at – myradyň mekany» ýylynda Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan ýerine ýetirilmegi meýilleşdirilen işleriň meýilnamasyna laýyklykda TDMal-niň uly mugallymy Nyýazsoltan Nobatowanyň Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň üstünlikleri barada çykyşy «Watan» radioýaýlymyna ýazgy edildi.

GEÇIRILEN ÇÄRELER

2026-njy ýylyň 31-nji iýulynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at – myradyň mekany» ýylynda Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan ýerine ýetirilmegi meýilleşdirilen işleriň meýilnamasyna laýyklykda TDMal-niň mugallymy Gözel Nobatowanyň Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň üstünlikleri barada çykyşy «Watan» radioýaýlymyna ýazgy edildi.



GEÇIRILEN ÇÄRELER

2026-njy ýylyň 31-nji iýulynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at – myradyň mekany» ýylynda Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan ýerine ýetirilmegi meýilleşdirilen işleriň meýilnamasyna laýyklykda TDMal-niň uly mugallymy Almanar Ýazberdiýewanyň Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň üstünlikleri barada çykyşy «Türkmenistan» teleýaýlymyna ýazgy edildi.

GEÇIRILEN ÇÄRELER

2026-njy ýylyň 31-nji iýulynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at – myradyň mekany» ýylynda Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan ýerine ýetirilmegi meýilleşdirilen işleriň meýilnamasyna laýyklykda TDMal-niň mugallymy Aýjemal Aklyýewanyň Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Halkymyza edilýän Bank hyzmatlarynyň kämilleşdirilişi barada çykyşy «Türkmenistan» teleýaýlymyna ýazgy edildi.

Türkmen döwlet maliýe institutynyň KHBS-däki çykyşlary

KHBS-DÄKI ÇYKYŞLAR

Türkmen döwlet maliýe institutynyň
KHBS-däki çykyşlary



Jemi çykyş – 32; şol sanda:
Metbugatda – 17;
Internet saýtlarynda – 11;
Telewideniýede – 2;
Radioda – 2;
çykyş guraldy.

MUGALLYMLARYŇ KHBS-DÄKI ÇYKYŞLARY

t/b	F.A.	Metbugat	Teleýaýlym	Internet saýtlary	Radio
1.	Kerim Kertiýew	«Il-halkyň bir iş tutsa, sen ondan galyjy bolma». Sah 5. “Türkmenistan Sport” halkara žurnalynyň elektron goşundysy. № 31 (323) 2026-njy ýylyň 3-nji awgusty, duşenbe			
2.	Almanar Ýazberdiýewa	«Il-halkyň bir iş tutsa, sen ondan galyjy bolma». Sah 4. “Türkmenistan Sport” halkara žurnalynyň elektron goşundysy. № 31 (323) 2026-njy ýylyň 3-nji awgusty, duşenbe			
3.	Arzygül Ahmedowa	«Geljegiň oýunlary» atly iri halkara sport ýaryşy dowam edýär. Sah 7. “Türkmenistan Sport” halkara žurnalynyň elektron goşundysy. № 31 (323) 2026-njy ýylyň 3-nji awgusty, duşenbe			
4.	Azat Aşyrmuhammedow	Türkmenistanyň naýbaşy kubogy. Sah 13. “Türkmenistan Sport” halkara žurnalynyň elektron goşundysy. № 31 (323) 2026-njy ýylyň 3-nji awgusty, duşenbe			
5.	Leýli Ataýewa	Alymlar futbolçylaryň beýnisinde üýtgeşmeleri tapdylar. Sah 22. “Türkmenistan Sport” halkara žurnalynyň elektron goşundysy. № 31 (323) 2026-njy ýylyň 3-nji awgusty, duşenbe			
6.	Hüseýin Şaýymow	Halk Maslahatynyň syýasy we jemgyýetçilik ähmiýeti. “Zaman-Türkmenistan” gazeti. № 31 (1701) 2026-njy ýylyň 31-nji iýuly, anna			
7.	Näzik Çerkezowa	Syýahatçylyk pudagy yzygiderli ösýär. “Zaman-Türkmenistan” gazeti. № 31 (1701) 2026-njy ýylyň 31-nji iýuly, anna			
8.	Kerimberdi Seýitliýew	Demokratik däpler dowamat-dowam. “Türkmen sporty” gazeti. № 31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe			
9.	Eýýup Annaberdiýew	A TESTAMENT TO THE INTEGRITY. “Türkmen sporty” gazeti. № 31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe			
10.	Aýjeren Çaryýewa	A GUIDE FOR YOUNG PEOPLE. “Türkmen sporty” gazeti. № 31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe			
11.	Güljeren Köşiliýewa	AN INVALUABLE WORK. “Türkmen sporty” gazeti. № 31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe			
12.	Ogulşirin Nökerowa	Döwrüň talabyna eýerip. “Türkmen sporty” gazeti. № 31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe			
13.	Polat Halnepesow	Gahryman Arkadagymyzyň eserleri — ruhy kämilligiň çeşmesi. “Nesil” gazeti. № 64 (5151) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe			
14.	Gülnar Täçliýewa	Döwrebap bilim — ösüşleriň binýady. “Nebit-Gaz” gazeti. № 31 (779) 2026-njy ýylyň 4-nji awgusty, sişenbe			
15.	Humaý Sazakowa	Innowasiýalary nazarlaýan ösüşler. “Nebit-Gaz” gazeti. № 31 (779) 2026-njy ýylyň 4-nji awgusty, sişenbe			

MUGALLYMLARYŇ KHBS-DÄKI ÇYKYŞLARY

t/b	F.A.	Metbugat	Teleýaýlym	Internet saýtlary	Radio
16.	Merjen Çerkezowa	Ösümlikler bilen yşyklandyrylar. “Bereketli toprak” gazeti. № 31 (969) 2026-njy ýylyň 5-nji awgusty, çarşenbe			
17.	Bibihajar Akmämmedowa	Sanly ykdysadyýet, bilim, emeli aň — döwrümiziň derwaýys ugurlary “Ahal durmuşy” gazeti. № 32 (4703) 2026-njy ýylyň 6-njy awgusty, penşenbe			
18.	Gültäç Annamämmedowa		Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany ýylynda beden taýdan sagdyn ýaş nesli terbiýelemek, bedenterbiýe we sport hereketlerini ýaýbaňlandyrmak babatda ýurdumyzda amala aşyrylýan işler baradaky söhbetdeşligi “Türkmenistan sport” teleýaýlymy, 31.07.2026ý.		
19.	Gözel Mätiýewa		Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany ýylynda beden taýdan sagdyn ýaş nesli terbiýelemek, bedenterbiýe we sport hereketlerini ýaýbaňlandyrmak babatda ýurdumyzda amala aşyrylýan işler baradaky söhbetdeşligi “Türkmenistan sport” teleýaýlymy, 31.07.2026ý.		
20.	Nyýazsoltan Nobatowa			29.07.2026ý. Türkmenistanyn Bilim ministrliginde Hormatly Prezidentimiziň 10-njy iýulda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beren tabşyryklaryndan hem-de Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň 15-nji iyulda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde eden taryhy çykyşynda beren gymmatly maslahatlaryndan ugur alyp, geçirilen «TÜRKMENISTANYN HALK MASLAHATY-AGZYBIRLIGIŇ, JEBISLIGIŇ, ÖSÜŞLERIŇ AÝDYŇ ÝOLY» atly maslahaty mynasybetli çykyşy	
21.	Selbi Hemraýewa			Halk Maslahaty: bedew batly ösüşleriň binýady THE ASHGABAT TIMES HABAR PORTALY https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026/08/halk-maslahaty-bedew-batly-osuslerin-binyady/ 01.08.2026	
22.	Medet Soltanow			Halk Maslahaty: jebisligiň, agzybirligiň we umumymilli ösüşiň binýady THE ASHGABAT TIMES HABAR PORTALY https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026u/08/halk-maslahaty-jebisligin-agzybirligin-we-umumymilli-osusin-binyady/ 01.08.2026	

MUGALLYMLARYŇ KHBS-DÄKI ÇYKYŞLARY

t/b	F.A.	Metbugat	Teleýaýlym	Internet saýtlary	Radio
23.	Şamyrat Ýazberdiýew			Sport diplomatiýasy: dostluk we parahatçylyk THE ASHGABAT TIMES HABAR PORTALY https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026/08/sport-diplomatiyasy-dostluk-we-parahatcylyk/ 03.08.2026	
24.	Güljahan Ballykowa			Bilimler baýramy – paýhasyň we döredijiligiň gözbaşy THE ASHGABAT TIMES HABAR PORTALY https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026/08/bilimler-bayramy-payhasyn-we-doredijiligin-gozbasy/ 03.08.2026	
25.	Gülşat Çaryýewa			Milli demokratiýanyň dabaralanmasy TÜRKMENIŇ ÝÜPEK ÝOLY HABAR PORTALY https://tyy-news.gov.tm/post/10552 03.08.2026	
26.	Aýjeren Bäşimowa			Halk Maslahaty: demokratiýa, döwletlilik, jebislik TÜRKMENIŇ ÝÜPEK ÝOLY HABAR PORTALY https://tyy-news.gov.tm/post/10553 03.08.2026	
27.	Kümüş Gurbanowa			Bilimleriň we bilimlileriň Watany TÜRKMENIŇ ÝÜPEK ÝOLY HABAR PORTALY https://tyy-news.gov.tm/post/10554 03.08.2026	
28.	Aýlar Ataýewa			Halk maslahaty — milli demokratiýanyň dabaralanmagy TÜRKMENIŇ ÝÜPEK ÝOLY HABAR PORTALY https://tyy-news.gov.tm/post/7196 03.08.2026	
29.	Behişt Gulowa			Bilimli ýaşlar — Watanyň daýanjy TÜRKMENIŇ ÝÜPEK ÝOLY HABAR PORTALY https://tyy-news.gov.tm/post/9838 03.08.2026	
30.	Sähragül Öwezowa			Bagtyýar geljegiň eýesi ýaşlar TÜRKMENIŇ ÝÜPEK ÝOLY HABAR PORTALY https://tyy-news.gov.tm/post/9848 03.08.2026	
31.	Nyýazsoltan Nobatowa				Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň üstünlikleri barada “Watan” radioýaýlymy, 31.07.2026 ý.
32.	Gözel Mätiýewa				Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň üstünlikleri barada “Watan” radioýaýlymy, 31.07.2026 ý.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

«Il-halkyň bir iş tutsa, sen ondan galyjy bolma». Sah 5

№ 31 (323) 03.08.2026 «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti

№ 31 (323) 2026-njy ýylyň
3-nji awgusty, duşenbe

Kerim Kertiýew,
“Salgytlar we salgyt salmak” kafedrasynyň müdiriniň w.ý.ý., ykdysady ylymlaryň kandidaty, uly mugallym

Türkmenistanyň Halk Maslahaty häzirki döwürde nam döwür ösüşiniň möhüm aýratynlygyny, şeýle-de milli demokratiýanyň jemgyýetçilik ähmiýetiniň we rajap-gidiniň aýdyň beýany hökmünde çykyş edýär. Garaşsyz Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň nobatdaky mejlisi gurumuryň sud-hukuk ulgamyna möhüm waka boldy. Mejlisiň barşynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine taýýarlyk görmek, milli Garaşsyzlyk gününiň ýarym 35 ýyllygy mynasybetli geçirilýek dabaralaryň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek hem-de ähli ugurlar möhüm döwrüň wezipeleri bilen sazlaşykly baglanyşyklydyr.

Milli Garaşsyzlyk türkmen halkynyň döwletçilik gurluşyny döretmek, ilçilik ulgamyny ösdürmek we döwletçiligimiziň nyşanlaryny kemala getirmek ugrunda ägirt uly üstünlikleri gazanmagyna ýol açdy. Şonuň üçin hem ol ýarym asyrlyk taryhy döwürde ýurdumyzyň ösüşiniň esasy ýörelgesine öwrüldi. Şu nukdaýnazardan, Garaşsyzlygyň 35 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna gazanylyp geçirilen dabaralar hakyndaky» Halk Maslahatynyň kararynyň kabul edilmegi hem bagtyýarlyk zamanyň taryhy ähmiýetini nazara almakdyr.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi Garaşsyzlyk ýylyndan gazanylan üstünlikleriň dowam bermek diýen çaklamadan, geljekki ösüşiň strategik ugurlaryny nazara almaga gönükdirildi. Şol bir wagtyň özünde jemgyýetiň ösüşi elde ýetirilmeýän üstünlikler diýen çaklanmaýar. Bilim, saglygy goraýyş ulgamy, ýaşaýyş şertleri we durmuş goraglylygy ýaly ugurlaryň strategiki ösdürilmegi jemgyýetiň durnukly ösüşiniň möhüm şertidir. Hut şonuň üçin hem döwlet syýasatynda amala aşyrylýan özgertmeler aýratyn ähmiýete eýedir.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň ösüş strategiýasynyň esasy aýratynlygy döwlet, jemgyýet we raýat arasynda özara ýakyn gatnaşyklaryň ýola goýulmagydyr. Şeýle jedelsiz pozisiýa tä-ze ösüşlikleriň, uly maksatlaryň we milli gönükmeleriň ygtybarly binýadyny döredýär. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işi elde häzirki döwrüň meseleleriniň çözgüdini tapmak, eýsem, geljek nesilleriň bagtyýar durmuşynyň berk esaslarynyň döredilmegine gönükdirilen döwletçilik mekdebi hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir.

Kerim KERTIÝEW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

«Il-halkyň bir iş tutsa, sen ondan galyjy bolma». Sah 4

№ 31 (323) 03.08.2026 «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti

№ 31 (323) 2026-njy ýylyň
3-nji awgusty, duşenbe

Almanar Ýazberdiýewa,
“Daşary ýurt dilleri” kafedrasynyň uly mugallymy

«IL-HALKYŇ BIR IŞ TUTSA, SEN ONDAN GALYJY BOLMA»

Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri bir uly işiň başyny tutanlarynda ýaşulular bilen maslahatlaşyp, köpi gören adamlar bilen geňeş edipdirler. Ata-babalarymyzyň döwlet gurup, bir supraň başynda toplanan gününden bäri jemleşip, maslahat etmek esasy ýörelgeleri bolupdyr. Pederlerimizden miras galan asylly ýörelge häzirki ajaýyp zamanamyzda hem dowam etdirilýär. Demokratik ýörelgelere eýerilip, il-ýurt ähmiýetli möhüm çözgütler kabul edilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işi halkyň bähbidiniň ileri tutulmagyny üpjün edýär. Döwletimizde halk bilen geňeşmek, halk maslahatlaryny yzygiderli geçirmek ajaýyp zamanamyzda asylly däbe öwrüldi.

Geňeş edilende ýaşulular bilen bir hatarda ýaşlaryň pikiri hem has täsirli bolup durýar. Halk Maslahaty jemgyýetiň dürli ýaşdaky wekillerini öz içine alýar.

Şu günlerde ýurdumyzyň ähli künjeklerinde, şol sanda ýokary okuw mekdeplerinde hem Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini guramaçylykly geçirmek boýunça taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Bu bolsa biz bilim işgärlerini hem buýsanç duýgularyna besleýär.

Türkmenistanyň häzirki ösüş döwründe halk bilen döwletiň arasyndaky jebis baglanyşyk aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi islendik möhüm başlangyç halkyň goldawy, raýatlaryň işjeň gatnaşmagy bilen netijeli bolýar. Halk Maslahatynyň mejlislerinde öňe sürülýän başlangyçlar hem ýurdumyzyň uzakmöhletleýin ösüş maksatlaryna, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga we geljek nesiller üçin berk binýat döretmäge hyzmat edýär. Bu ýokary wekilçilikli edaranyň mejlislerinde kabul edilýän çözgütler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň kuwwatyny artdyrmaga, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilýär.

Türkmenistan Watanymyzda durmuşa geçirilýän giň gerimli özgertmeler halkymyzyň agzybirligini we jebisligini has-da pugtalandyrýar. Ýurdumyzda geçirilýän möhüm jemgyýetçilik çäreleri, halk bilen duşuşyklar, teklipleriň öwrenilmegi döwlet dolandyryşynda halkyň sesine aýratyn ähmiýet berilýändigini görkezýär.

Häzirki ajaýyp zamanamyzda demokratik, hukuk we dünýewi döwletimiziň binýadyny pugtalandyrmakda köp işler amala aşyrylýar.

Almanar ÝAZBERDIÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

№ 31 (323) 2026-njy ýylyň
3-nji awgusty, duşenbe

Arzygül Ahmedowa,
Maliýe taýýarlyk ugry,
2 ýyl talyp

«Geljegiň oýunlary» atly iri halkara sport ýaryşy dowam edýär. Sah 7

«GELJEGIŇ OÝUNLARY» ATLY IRI HALKARA SPORT ÝARYŞY DOWAM EDÝÄR

Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletleri fijital sporty geljegi uly ugur hökmünde ösdürýär. Halkara Olimpiýa hereketinde-de elektron sport we sanly tehnologiýalaryň mümkinçilikleri barha giňden ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu ýagdaý bolsa geljekde fijital ugurlaryň has uly halkara ýaryşlaryň maksatnamalarynda mynasyp orun eýelejekdigini görkezýär.

Türkmenistanda hem bu ugurdan halkara tejribesini öwrenmäge, hyzmatdaşlygy ösdürmäge, ýaşlaryň döredijilik hem-de sport mümkinçiliklerini giňeltmäge uly ähmiýet berilýär. Şu hakykatdan ugur alyp, Türkmenistanyň sport wekiliýeti 2026-njy ýylyň 29-njy iýulynda Gazagystan Respublikasynyň Astana şäherinde açylan «Geljegiň oýunlary» atly iri halkara fijital sport ýaryşynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Dünýäniň 50-den gowrak döwletinden gelen kibersport bilen meşgullanýan ýaşlaryň 800-den gowragyny bir ýere jemlän bu ýaryşlar 2026-njy ýylyň 9-njy awgustyna çenli dowam eder. Bu ýaryşlar diňe bir medallar ugrunda alnyp barylýan bäsleşik bolman, eýsem, sportuň ösüş ugurlaryny kesgitleýän möhüm halkara meýdança hökmünde hem uly ähmiýete eýedir.

Arzygül AHMEDOWA,
Türkmen döwet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň naýbaşy kubogy. Sah 13

№ 31 (323) 2026-njy ýylyň
3-nji awgusty, duşenbe

Azat Aşyrmuhammedow,
Maliýe gözegçiligi taýýarlyk ugry,
3 ýyl talyp

TÜRKMENISTANYŇ NAÝBAŞY KUBOGY

Türkmenistanyň futbol boýunça Naýbaşy kubogy ugrunda «Arkadag» bilen «Ahal» toparlary duşuşdy. Bu oýun 2026-njy ýylyň 2-nji awgustynda Aşgabatdaky «Nusaý» stadionynda geçirildi. «Arkadag» topary Türkmenistanyň çempiony we Türkmenistanyň kubogynyň eýesi hökmünde Naýbaşy Kuboga gatnaşmaga hukuk gazandy. «Ahal» bolsa Türkmenistanyň kubogynyň finalçysy hökmünde Naýbaşy kubok ugrundaky duşuşyga gatnaşdy.

«Arkadag» we «Ahal» futbol toparlary bassyr 3-nji gezek Naýbaşy kubok ugrundaky duşuşyk güýç synanyşdylar. Geçen ýylky oýunlarda bolşy ýaly, bu gezek hem «Arkadag» topary ýeňiş gazanyp, Türkmenistanyň Naýbaşy kubogynyň eýesi boldy (3:0).

Türkmenistanyň futbol boýunça Naýbaşy kubogy ugrundaky ýaryş 2005-nji ýyldan bäri geçirilýär. Bu ýaryşda «Altyn asyr» 8 gezek ýeňiji bolupdyr. «Ahal» topary bolsa 4 gezek Naýbaşy kuboga eýelik edipdir.

Şu ýyl «Arkadag» bilen «Ahal» Aziýa futbol konfederasiýasynyň (AFK) klub ýaryşlarynda Türkmenistana wekilçilik eder. «Ahal» AFK-nyň Çagyryş ligasynyň toparçalaýyn tapgyryndan ýaryşa başlar. «Arkadag» bolsa AFK-nyň Çempionlar ligasy-2 ýaryşynyň toparçalaýyn tapgyryna çykmak ugrunda Hindistanyň «Goa» kluby bilen duşuşar. Şol oýun 2026-njy ýylyň 12-nji awgustynda Arkadag şäheriniň stadionynda geçiriler.

Azat AŞYRMUHAMMEDOW,
Türkmen döwet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Alymlar futbolçylaryň beýnisinde üýtgeşmeleri tapdylar. Sah 22

№ 31 (323) 03.08.2026 «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti

№ 31 (323) 2026-njy ýylyň 3-nji awgusty, duşenbe

Leýli Ataýewa,
Maliýe gözegçiligi taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

ALYMLAR FUTBOLÇYLARYŇ BEÝNISINDE ÜÝTGEŞMELERI TAPDYLAR

■ Beýik britaniýaly alymlar ozal futbol oýnan adamlaryň beýnisinde käbir gurluş üýtgemeleriniň bardygyny äşgär etdiler. Şeýle-de bolsa, olaryň ýatkeşliginiň ýa-da akyl-paýhas ukyplarynyň peselendigine degişli hiç hili subutnama tapylmady.

Geçirilen tejribelere 30-60 ýaş arasyndaky ozal futbol oýnan adamlaryň 142-si gatnaşypdyr. Deňeşdirmek üçin alymlar şol bir ýaşdaky, ýöne kontaktly sportlary bilen meşgullanmadyk we beýni sarsgynyny başdan geçirmedik sagdyn adamlaryň hm 56-sy barlagdan geçirilipdir.

Alymlar gatnaşyjylaryň akyl-paýhas mümkinçiliklerini bahalandyrýan synaglary, ýörite sowalnamalary hem-de magnit-rezonans tomografiýasy (MRT) arkaly geçirilen barlaglary peýdalandylar. Netijede, öňki futbolçylaryň beýnisiniň ýatkeşlige we duýgulary dolandyrmaga jogapkär käbir böleklerinde beýni dokumasynyň göwrüminiň ortaça azalandygy ýüze çykaryldy. Şeýle-de bolsa, netijeler gatnaşyjylaryň ýaşy we bilim derejesi göz öňünde tutulyp seljerilende, öňki futbolçylaryň ýatkeşlik hem-de akyl-paýhas ukyplaryny ölçän synaglarda kadaly çäkde netije görkezendigi anyklandy.

Şol bir wagtyň özünde, gözleg öňki futbolçylaryň arasynda ruhy saglyk bilen bagly kynçylyklaryň has köp duş gelýändigini görkezdi. Kliniki depressiýa öňki futbolçylaryň 31 göteriminde anyklanan bolsa, bu görkeziji gözegçilik toparynda 9 göterime deň boldy. Şeýle hem kliniki ähmiýetli aladalanma öňki futbolçylaryň 42 göteriminde, gözegçilik toparynyň bolsa 25 göteriminde hasaba alyndy.

Leýli ATAÝEWA,
Türkmen döwet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Halk Maslahatynyň syýasy we jemgyýetçilik ähmiýeti.

ZAMAN INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

31-nji iýul, 2026. Belgisi 31/1701

№ 31 (1701) 2026-njy ýylyň
31-nji iýuly, anna

Hüseýin Şaýymow,
“Ätiýaçlandyryş işi” kafedrasynyň uly mugallymy, hukuk ylymlaryň kandidaty

Halk Maslahatynyň syýasy we jemgyýetçilik ähmiýeti

Türkmen jemgyýetinde il-ýurt bähbitli meseläni gepleşip çözmek gadymy ýörelgedir. Ýaşulynyň tejribesi, jemgyýetiň pikiri we ýolbaşçynyň jogapkärçiligi şol ýörelgede birleşipdir.

Mälim bolşy ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramyna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça hormatly Prezidentimiziň tabşyryklarynyň ýerine ýetirmegiň wajyp meselelerine garaldy.

Mejlisde eden çykyşynda Milli Liderimiz: «Halkymyzyň agzybirligini, jebisligini, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, bitarap döwletimiziň has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri bolup durýar. Şeýle-de ýurdumyzda durmuşa geçirilýän maksatnamalaryň ýerine ýetirilmegine halk köpçiligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak hemişe öňe merkezinde bolmalydyr» diýip, belledi.

Halk Maslahatynda möhüm döwlet meseleleri boýunça tekliplere garalýar we olar maslahatlaşýar, içeri hem daşary syýasatyň esasy ugurlary, özbaş maksatnamalary we konstitusion başlangyçlar ara alnyp maslahatlaşylýar.

Konstitusion kanun Halk Maslahatynyň işini aýyk ýörelgelere baglaýar. Olaryň arasynda demokratiýa, aýdyňlyk, adalatlylyk we kanuny hökümürowanlygy bar. Şeýle hem adamyň hukuklaryna hormat goýmak, çözgütleri erkin ara alyp maslahatlaşmak we jemgyýetçilik pikirini nazara almak görkezilýär.

Kanun maslahatlaşmanyň goramaçylyk tertibini hem beleýär. Mejlisiň ýylda azyndan bir gezek geçirilmegi hökmanydyr. Agzalaryň azyndan üçden iki bölegi gatnaşanda, mejlis ygtyýarly hasaplanýar. Halk Maslahatynyň Prezidiumy bolsa, hemişelik hereket edýän kollegial edara hökmünde taýýarlyk işlerini alyp barýar.

Halk Maslahatynyň düzüminde döwlet ýolbaşçylary, Mejlisiň deputatlary, ýerli halk maslahatlarynyň wekilleri we jemgyýetçiligiň dürli toparlary birleşýär. Şol sebäpli ýurduň ileri tutulýan meseleleri dürli derejedäki tejribäniň esasynda ara alnyp maslahatlaşylýar. Kabul edilen çözgütler degişli döwlet edaralary tarapyndan öz ygtyýarlylygynyň çäginde ýerine ýetirilýär.

Halk Maslahatynyň mejlislerinde jemgyýetçilik ähmiýeti bolsa raýatlaryň teklipleri bilen alnyp barylýan işde has aýdyň görünýär. Gün tertibine girizilýän meseleler öňünden ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu iş ýerli halk maslahatlary, Mejlis, Hökümet, häkimlikler we jemgyýetçilik birleşikleri bilen utgaşykly alnyp barylýar.

Prezidiumyň işi teklipleri ýygnamak bilen tamamlanmaýar. Guramaçylyk topary gün tertibini taslamazyndan, resminamalary we maglumatlary öňünden taýýarlaýar. Ýerli halk maslahatlaryna usuly kömek goldawy berilýär. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin düşündiriş maglumatlary hem taýýarlanylýar. Welaýatlardan ýa-da etraplardan gelip gowşan teklipler umumylaşdyrylyp, döwlet derejesindäki maslahata ýetirilýär. Esasy ölçeg şol teklibiň seljerilmegi, degişli edara ýetirilmegi we ýerine ýetirilişiniň jemgyýetçilige düşnükli beýan edilmegidir.

Şu ýylyň sentýabr aýynda geçirilýek Halk Maslahatynyň mejlisinde tutumly işlere badalga berler, halkymyzyň bagtyýarlygy, ýurdumyzyň berkararlygy üçin taryhy kararlar kabul ediler. Munuň özi asyrly ýörelgeleriň dowamat-dowamdygynyň ýene bir aýdyň güwäsi bolar. Halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, adamzat ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun.

Hüseýin ŞAÝYMOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň Ätiýaçlandyryş işi kafedrasynyň uly mugallymy, hukuk ylymlaryň kandidaty.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

ZAMAN INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

№ 31 (1701) 2026-njy ýylyň
31-nji iýuly, anna

Näzik Çerkezowa,
“Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp

Syýahatçylyk pudagy yzygiderli ösýär.



Syýahatçylyk pudagy yzygiderli ösýär

Soňky 20 ýylda dünýäde syýahatçylyk pudagy görnetin derejede ösdi. Şunda adamlaryň ýaşaýyş-durmuş derejelerini ýokarlanmagy we ýurtlaryň arasynda döredilen ýakynlygyň täsiriniň bardygy bellenilýär. «Henley & Partners» maslahat beriş kompaniýasynyň tarapdan maglumatlara görä, soňky 20 ýylda rayatlaryň wiza almazdan gidip bilýän ýurtlarynyň sany 2 esse artypdyr. Häzirki wagtda bir adam ortaça 108 ýurda wizasyz baryp bilýär. Bu görkezijiň 2006-njy ýylda 58 eken. Soňky ýyllarda köp döwlet syýahatçylyk pudagyny ösdürmek maksady bilen daşary ýurtlaryň rayatlarynyň wizasyz gelmeklerine mümkinçilik döretdi. Aziýanyň we Ýewropanyň ýurtlarynyň rayatlary has köp ýere wizasyz gidip bilýärler.

Singapuryň rayatlary dünýäniň 192 ýurduna we sebitine wiza almazdan baryp bilýär. Ýaponiýa, Şweýsariýa, Irlandiýa, Awstriýa, Portugaliýa, Finlýandiýa, Daniýa we Täze Zelandiýa ýaly ýurtlaryň rayatlaryndan hem köp ýurda baranlarynda wiza talap edilmeýär. Bu ýurtlar howpsuzlyk babatda hem öňdebaryjy eýeleýär. Birleşen Arap Emirlikleri soňky 20 ýylda 149 ýurt bilen wizasyz syýahat babatda ylalaşyk gazanypdyr.

Näzik ÇERKEZOWA,
Türkmen döwlet maliýe instituty-nyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

№ 31 (736) 2026-njy ýylyň
1-nji awgusty, şenbe

Kerimberdi Seýitliýew,
“Ätiýaçlandyryş işi” kafedrasynyň mugallymy

Demokratik däpler dowamat-dowam.

DEMOKRATIK DÄPLER DOWAMAT-DOWAM

Demokratiýa, adalatlylyk, adamyň hukuklaryna hem-de azatlyklaryna hormat goýmak, kanuny, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutmak, erkin ara alyp maslahatlaşmagyň, jemgyýetçilik pikirini nazara almagyň netijesinde çözgütleri kabul etmek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň esasy ýörelgeleri bolup, onuň maksady ýurdumyzda gazanylan üstünlikleri, ýetilen belent sepgitleri berkitmekden, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmagy üpjün etmekden, jemgyýetimizde demokratik däpleri pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Dürli kärdäki, dürli ýaşdaky raýatlaryň öz pikir-garaýyşlaryny beýan etmegine giň mümkinçilik döredilýän Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde hem ilimiziň agzybirligini, jebisligini öňküdenem berkitmäge, ýaşaýyş-durmuşyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilen meseleleriň ençemesine garalar we degişli çözgütler kabul ediler, täze döwletli tutumlara badalga berler. Bu bolsa Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgeleriniň rowaçlyklara beslenýändiginiň nobatdaky subutnamasyna öwrüler.

Goý, berkarar döwletimiziň dünýädäki abraýyny has-da belende götermekde, halkymyzyň eşretli, abadan, sagdyn durmuşynyň dowamat-dowam bolmagyny üpjün etmekde taýsyz tagallalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

Kerimberdi SEÝITLIÝEW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

A testament to the integrity.

№ 31 (736) 2026-njy ýylyň
1-nji awgusty, şenbe

Eýýup Annaberdiýew,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp



A TESTAMENT TO THE INTEGRITY

The role of the Halk Maslahaty, the supreme representative body of Turkmenistan, is increasingly important in firmly securing the future development of our Motherland and ensuring harmonious progress in all spheres of life. On the eve of the 35th anniversary of independence, a regular meeting of the Halk Maslahaty of Turkmenistan will be held in the Turkmen capital.

...ium
...the

...iumph
...solidarity of the
...pid development of our

The documents adopted at the meeting of the Presidium of the Halk Maslahaty of Turkmenistan on July 15, on the establishment of an organizing committee for convening and holding a meeting of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, as well as approving its composition and determining the date of its holding, gave a start to the preparation for the event. Political parties and public organizations are consistently conducting the relevant work to implement the tasks arising from the deeply meaningful speech of the National Leader of the Turkmen people Gurbanguly Berdimuhamedov at the meeting and the adopted documents.

The democratic foundations and the principles of sovereignty are being consistently strengthened in Turkmenistan. The constitutional rights of people are reliably ensured in the country undergoing rapid development and transformation. The active participation of the population in state affairs of national importance unites society. The national principles provide prosperity and spirit of the new epoch. In this context, the work of the Halk Maslahaty of Turkmenistan has great importance.

...rtment,
...n.

Eyyup ANNABERDIYEV,
a student,
Turkmen State Institute of Finance.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Ýurdumyzda sporty we köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmäge uly üns berilýär.
Türkmen sporty
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti
Hepdelik gazet. №31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe.
№ 31 (736) 2026-njy ýylyň
1-nji awgusty, şenbe

Aýjeren Çaryýewa,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 4 ýyl talyp

A guide for young people.



A GUIDE FOR YOUNG PEOPLE

The book 'Youth – the Pillar of the Motherland' by the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov has great importance in raising the younger generations, improving their spiritual and moral development, as well as strengthening their contribution to the great achievements of our Motherland. This wonderful literary work serves as an invaluable resource that helps young people receive modern education and become the best individuals, strengthen their patriotic feelings, and develop into the people who will pave the way for great achievements in the future.

The main goals of the book 'Youth – the Pillar of the Motherland' by the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov are to help young people get an education or a profession and to develop their love for the Motherland and people, their faith in the great development of the country, and their responsible attitude towards society. This book reflects the principles that help young people become morally perfect, and contains new ideas on important issues facing our Motherland.

We express our sincere gratitude to the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov and the National Leader of the Turkmen people, our Hero-Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov, who have great confidence in our youth.

Ayjeren CHARYEVA,
a student, Turkmen State Institute of Finance.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Ýurdumyzda sporty we köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmäge uly üns berilýär.
Türkmen sporty
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti
Hepdelik gazet. №31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe.
№ 31 (736) 2026-njy ýylyň
1-nji awgusty, şenbe

Güljeren Köşiliýewa,
“Işewürlik-informatika” taýýarlyk ugry, 4 ýyl talyp

An invaluable work.



AN INVALUABLE WORK

The literary and philosophical work 'Continuation of the Meaning of My Life' by the National Leader of the Turkmen people Gurbanguly Berdimuhamedov represents a unique compilation of the national and spiritual values of our people that have been passed down from generation to generation for millennia.

Honouring the noble spiritual values of our ancestors, our Hero-Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov carefully studied the sources and information that have survived to the present day, collected and systematized them in his literary work.

This book reflects the talent of our Hero-Arkadag and describes the main moral norms and principles. The fact that they are given great importance indicates that the traditions and moral standards of our ancestors are cherished in our epoch.

Magtymguly represents our past, present and future. The National Leader of the Turkmen people Gurbanguly Berdimuhamedov has ensured a happy life for the current and future generations of the Turkmen people and emphasizes, 'The future should be built only on the basis of the past'.

Guljeren KOSHILIYEVA,
a student, Turkmen State Institute of Finance.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Döwrüň talabyna eýerip.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– Ýurdumyzda sporty we köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmäge uly üns berilýär.
Türkmen sporty
Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti
Hepdelik gazet. №31 (736) 2026-njy ýylyň 1-nji awgusty, şenbe.

№ 31 (736) 2026-njy ýylyň
1-nji awgusty, şenbe

Ogulşirin Nökerowa,
“Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit” taýýarlyk ugry 4 ýyl talyp

DÖWRÜŇ TALABYNA EÝERIP

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim, bedenterbiýe we sport ulgamlarynyň döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda kämilleşdirilmegi ýaş nesliň ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmaga giň ýol açýar. Ýurdumyzda sanly ulgamyň we emeli aň tehnologiýalarynyň ähli pudaklara giňden ornaşdyrylýandygy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Emeli aň ulgamlary arkaly okuw maksatnamalaryny öwrenmek, dil öwreniş we barlag işlerini alyp barmak has-da ýönekeýleşdi. Bu günki gün ýaşlar sanly platformalaryň üsti bilen dünýäniň öňdebaryjy kitaphanalaryna, onlaýn okuwlara çalt elýeterlilik gazanýarlar. Bu bolsa ýaşlaryň diňe bir okuw kitaplary bilen çäklenmän, giň dünýägaraýyşly, döredijilikli we täzeçil pikirlenip bilýän hünärmenler bolup ýetişmegine mümkinçilik berýär.

Bedenterbiýe we sport ulgamynyň hem häzirki döwürde ýokary tehnologiýalardan asla üzňe däldigini bellemek gerek. Sport türgenleşiklerinde emeli aňyň ulanylmagy netijeliligiň ýokarlanmagyna, türgenleriň fiziki ýagdaýynyň takyk seljerilmegine we şikesleriň öňüniň alynmagyna uly kömek edýär. Şeýle hem häzirki wagtda emeli aň algoritmleri ýaryşlaryň netijelerini has takyk hasaplamaga, eminlik we synag işlerini kämilleşdirmäge ýardam edýär.

Türkmenistanda sportuň köpçülikleýin häsiýete eýe bolmagy we ýaşlaryň sporta bolan höwesiniň artmagy döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ýaş nesliň sagdyn ruhly, beden taýdan berk we ylym-bilimli bolup ýetişmegi ýurdumyzyň kuwwatyny has-da pugtalandyrýar. Sanly bilim ulgamy arkaly türgenler diňe bir fiziki taýdan däl, eýsem, sport tilsimleriniň ylmy esaslaryny hem düýpli ele alýarlar. Bu bolsa türgenlerimiziň halkara derejesindäki ýaryşlarda, sebit we dünýä çempionatlarynda baýrakly orunlara eýe bolmagynda möhüm ädim bolup durýar.

Mahlasy, emeli aň we sanly tehnologiýalar häzirki zaman jemgyýetiniň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Bilim we sport ulgamlaryna bu ösen tehnologiýalaryň işjeň utgaşdyrylmagy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesil barada edilýän aladanyň aýdyň kepilidir. Sagdyn ruhly, bilimli we täzeçil pikirlenýän ýaşlar bolsa Watanymyzyň daýanjydyr.

Ogulşirin NÖKEROWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— Ýurdumyzyň ösüş ýoluny şan-şöhrata beslemek biziň el-ele berip, birek-birege düşünip, ähli gujur-gaýratymyzy bir ýere jemläp, halal zähmet çekip gazanjak ýeňişlerimize baglydyr.
NESIL
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
№64 (5151). 2026-njy ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTY, ŞENBE

№ 64 (5151) 2026-njy ýylyň
1-nji awgusty, şenbe

Polat Halnepesow,
“Töwekgelçilikleri dolandyrmak we ätiýaçlandyryş işi” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp

Gahryman Arkadagymyzyň eserleri — ruhy kämilliginiň çeşmesi.

KITAP — GENJI-HAZYNA

GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ ESERLERI — RUHY KÄMILLIGIŇ ÇEŞMESI

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň gazanýan beýik üstünlikleri halkymyzyň köpasyrlyk taryhy, milli gymmatlyklary, ruhy baýlygy we döwletlilik ýörelgeleri bilen berk baglanyşyklydyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleriň baş maksady adam hakynda alada, ýaş nesliň döwrebap bilim almagyna, ýokary ahlakly, watansöýüji, giň dünýägaraýyşly şahsyýetler bolup kemala gelmegine ähli şertleri döretmekden ybaratdyr. Bu beýik maksatlara ýetmekde Gahryman Arkadagymyzyň ylmy, taryhy, pelsepewi we çeper eserleriniň ähmiýeti örän uludyr.

Kitap adamzat siwilizasiýasynyň iň gymmatly miraslarynyň biri bolup, ynsan aňynyň ösmegine, dünýägaraýşynyň giňelmegine, ahlak taýdan kämilleşmegine uly täsir edýär. Şonuň üçin ýurdumyzda kitap medeniýetini ösdürmäge, ýaşlaryň kitaba bolan söýgüsini artdyrmaga, milli edebi mirasy öwrenmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Gahryman Arkadagymyzyň döreden eserleri bu ugurda esasy orun eýeleýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrüniň manysy» atly eseri ynsan durmuşynyň manysy, halal zähmetiň belent gymmaty, Watana, halka we maşgala bolan wepalylyk ýaly mukaddes düşünjeleri çuňňur açyp görkezýär. Eserde adam ömrüniň esasy manysynyň il-ýurt bähbidine hyzmat etmekde, döredijilikli zähmet çekmekde, ýagşylyk etmekde we jemgyýetiň ösüşine goşant goşmakda jemlenýändigi nygtalýar. Bu pikirler ýaşlaryň durmuş ýoluny kesgitlemekde örän uly ähmiýete eýedir.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly eseri bolsa halkymyzyň mümkinçiliklerini dowamynda kemala getiren döwlet dolandyryş tejribesini, adalatlylyk, jebislik, agzybirlik, ynsanperwerlik ýaly gymmatly ýörelgeleri giňişleýin şöhlelendirýär. Türkmen halkynyň taryhynda döwlet gurmak sungaty, halkyň agzybirligi, parasatly ýolbaşçylar we milli bitewülik hemişe ösüşiň esasy çeşmesi bolupdyr. Häzirki wagtda hem bu ýörelgeler Garaşsyz Türkmenistanyň ösüş strategiýasynyň mizemez binýadyny emele getirýär. Şonuň üçin bu eseri öwrenmek ýaşlarda taryha bolan gyzyklanmany artdyrmak bilen birlikde, olaryň öz döwletine bolan buýsanjyny, joganpkärçiligini we raýatlyk borjuny has-da pugtalandyrýar.

Ene baradaky düşünje türkmen halkynyň ruhy dünýäsinde aýratyn orny eýeleýär. Hormatly Arkadagymyzyň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly eseri ene mähri, maşgala agzybirligi, nesil terbiýesi ýaly gymmatlyklary wasp edýär. Türkmen maşgalasynda enä hormat goýmak, onuň mertebesini belent tutmak, ýaş nesli ata-ene sarpasyny bilmäge çagyrmak milli terbiýäniň esasy ugurlarynyň biridir. Eserde beýan edilýän pikirler diňe bir maşgala gatnaşyklaryny berkitmäge däl, eýsem, jemgyýetiň ruhy sagdynlygyny üpjün etmäge hem hyzmat edýär. Çünki ene mukaddesligine sarpa goýýan jemgyýetde ýokary ahlak, agzybirlik, ynsanperwerlik we birek-birege hormat ýaly gymmatlyklar berk ornaşýar.

«Medeniýet halkyň kalbydyr» atly eseri milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň, edebiýatymyzyň we taryhy mirasymyzyň halkyň ruhy dünýäsi bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny çuňňur açyp görkezýär. Türkmen halkynyň gadymy siwilizasiýasy, dünýä belli ýadygärlikleri, ajaýyp halyçylyk sungaty, seýisçilik däpleri, milli saz sungaty we baý edebi mirasy diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, bütin adamzadyň umumy gymmatlygy hökmünde ykrar edilýär. Şeýle baý mirasy öwrenmek ýaş nesilde milli buýsanjy artdyrýar, olaryň pederlerimiziň ýol-ýörelgelerine bolan hormatyny pugtalandyrýar hem-de Watanyň gülläp ösmegine öz goşandyny goşmaga ruhlandyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitaby häzirki döwrüň iň möhüm gymmatlyklary bolan parahatçylygyň, dostlugyň, hoşniýetli gatnaşyklaryň we ynsanperwerliginiň ähmiýetini giňden açyp görkezýär. Türkmen halky asyrlaryň dowamynda parahatçylygy iň uly baýlyk hasaplap gelipdir. Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi hem hut şol asylly ýörelgeleriň halkara derejesindäki beýanydyr. Bu eser ýaş nesle parahatçylygyň gadyryny bilmegi, beýleki halklaryň medeniýetine hormat goýmagy hem-de dünýäde asudalygy berkitmäge goşant goşmagy öwredýär.

Milli Liderimiziň eserleri halkymyzyň ruhy ösüşine hyzmat edýän, ýaş nesle ýol görkezýän gymmatly gollanmalardyr. Olarda öňe sürülýän pikirler ýaşlary giň dünýägaraýyşly, ýokary bilimli, halal zähmet çekýän, watansöýüji we jemgyýetçilik jogapkärçiligini duýýan şahsyýetler bolup ýetişmäge ruhlandyrýar. Şeýle eserleriň yzygiderli öwrenilmegi her bir raýatyň döwletimize bolan söýgüsini artdyrýar, milli buýsanjyny pugtalandyrýar hem-de ata-babalarymyzyň şöhratly ýoluny dowam etdirmekde ruhy daýanç bolýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmyň, bilimiň we medeniýetiň ösdürilmegine döwlet derejesinde uly üns berilmegi ýurdumyzyň geljeginiň has-da aýdyň bolmagyna berk esas döredýär. Ýaşlaryň dünýä ülňülerine laýyk bilim almagy, häzirki zaman tehnologiýalaryny özleşdirmegi, daşary ýurt dillerini öwrenmegi bilen bir hatarda, milli ruhy gymmatlyklarymyza we taryhy mirasymyza ygrarly bolmagy döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Hut şonuň üçin hem Gahryman Arkadagymyzyň eserleri ýaşlary diňe bir hünär taýdan däl, eýsem, ruhy-ahlak taýdan hem kämilleşdirýän gymmatly çeşme bolup hyzmat edýär.

Polat HALNEPESOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Döwrebap bilim — ösüşleriň binýady.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— Ýurdumyz baý uglewodorod serişdelerini daşarky bazarlara çykarmak, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek arkaly ählumumy ösüşi we parahatçylygy gazanmak ugrunda taýsyz tagalla edýär.

NEBIT-GAZ

ESASLANDYRYJYSY — «TÜRKMENGAZ» DÖWLET KONSERNI

www.oilgas.gov.tm

Gazet 2011-nji ýylyň 6-njy sentýabryndan bäri çykýar

№ 31 (779) • 2026-njy ýylyň 4-nji awgusty • Şişenbe

№ 31 (779) 2026-njy ýylyň
4-nji awgusty, şişenbe

Gülnar Täçliýewa,
“Birža işi” taýýarlyk ugry,
4 ýyl talyp

DÖWREBAP BILIM — ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ykdysadyýetiň döwrüň talabyna laýyk ösmegini üpjün etmek maksady bilen, okuw maksatnamalary yzygiderli täzelenilýär we täze hünär ugurlary giňden ornaşdyrylýar. 2026-njy ýylda ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň bilim maksatnamalaryna ýaşlar üçin täze mümkinçilikleri açýan hünärleriň ençemesi girizildi. Şolaryň hatarynda sanly ykdysadyýet we tehnologik özygtyýarlylyk bilen bagly hünärler ýurdumyzyň innowasion senagat kuwwatyny berkitmäge gönükdirilendir.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň dürli ýokary okuw mekdeplerinde emeli aň we ekspert ulgamlary, mehatronika we robot tehnikasy, awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň maglumat howpsuzlygy ýaly täze ugurlar boýunça bilim berlip başlanar. Munuň özi ýaşlara önümçiligi «akylly» ulgamlara geçirmäge, innowasion senagat kärhanalary üçin maşynlary we robotlary döretmek bilen bagly geljegi uly ugurlary özleşdirmäge, IT kompaniýalarynda we bank ulgamynda kiberhowpsuzlygy üpjün etmäge ýardam eder.

Milli ykdysadyýetimiziň nebitgaz pudagynda hem sanly tehnologiýalar döwür bilen aýakdaş gitmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Şoňa görä-de, bu öňdebaryjy pudak üçin hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebinde kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi, maglumat howpsuzlygy we awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlary ýaly ugurlar boýunça täze hünärler girizildi.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda döwrebap bilime berilýän üns geljekde ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň pugtalanmagynda we hünärmenler gorunyň artmagynda uly ähmiýete eýedir.

Gülnar TÄŞLIÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Innowasiýalary nazarlaýan ösüşler

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— Ýurdumyz baý uglewodorod serişdelerini daşarky bazarlara çykarmak, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek arkaly ählumumy ösüşi we parahatçylygy gazanmak ugrunda taýsyz tagalla edýär.

NEBIT-GAZ

ESASLANDYRYJYSY — «TÜRKMENGAZ» DÖWLET KONSERNI

www.oilgas.gov.tm

Gazet 2011-nji ýylyň 6-njy sentýabryndan bäri çykýar

№ 31 (779) • 2026-njy ýylyň 4-nji awgusty • Şişenbe

№ 31 (779) 2026-njy ýylyň 4-nji awgusty, şişenbe

Humaý Sazakowa,
“Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit” taýýarlyk ugry, 4 ýyl talyp

INNOWASIÝALARY NAZARLAÝAN ÖSÜŞLER

Ylmyň we tehnologiýalaryň eýýamynda emeli aňyň täsiri netijesinde ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Bütin dünýäde senagat, nebitgaz, oba hojalygy, ulag we logistika ulgamlaryny sanlylaşdyrmak arkaly önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, çykdajylary azaltmaga hem-de täze zähmet bazaryny döretmäge uly ähmiýet berilýär.

Türkmenistanda hem sanly ykdysadyýeti ösdürmek, ähli pudaklarda ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmak, şol sanda emeli aňyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmak möhüm wezipeleriň hatarynda durýar. Bu ugurdaky işleriň üstünlikli amala aşyrylmagy, ilkinji nobatda, ýokary derejeli taýýarlykly hünärmenlere baglydyr.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda soňky ýyllarda ýurdumyzyň ýokary bilim ojaklarynda programmirleme, kiberhowpsuzlyk, maglumatlar goruny dolandyrmak we robototehnika ýaly ugurlarda saýlap alan hünäri boýunça ýokary derejeli hünärmenler taýýarlanylýar. Täze bilim maksatnamalary ýaşlara diňe bir nazary bilim bermän, eýsem, önümçilikde ýüze çykýan meseleleri çözmäge ukyply algoritmik we döredijilikli pikirlenmegiň ugurlaryny öwredýär. Şunuň netijesinde, emeli aňyň ykdysady ösüşe ýetirýän oňyn täsirini ýurdumyzda alnyp barylýan ylym we bilim syýasatynyň özgertmelerinde, milli ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda gazanylýan üstünliklerde aýdyň görmek bolýar.

Häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän hünärleri özleşdiren ýaş hünärmenler geljekde Türkmenistanyň innowasion taýdan ösmegine, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna we sanlylaşdyrmanyň giňden ornaşdyrylmagyna mynasyp goşantlaryny goşarlar.

Humaý SAZAKOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

№ 31 (969) 2026-njy ýylyň
5-nji awgusty, çarşenbe

Merjen Çerkezowa,
“Maliýe” taýýarlyk ugry,
3 ýyl talyp

Ösümlikler bilen yşyklandyrylar

Biler bolsaňyz!

Ösümlikler bilen yşyklandyrylar

Hytaýly biotehnologlar garaňkyda öz-özünden ýagtylyk saçýan, genetiki taýdan üýtgedilen täze ösümlikleri tanyşdyrdylar. Bu täsin oýlap tapyş geljekde elektrik energiýasyny ulanmazdan, şäher seýilgählerini we syýahatçylyk zolaklaryny yşyklandyrmaga mümkinçilik berer.

Futurism neşiriniň habar bermegine görä, alymlar ösümlikleriň öýjüklerine şöhle saçýan mör-möjekleriň (tomzaklaryň) we ýagtylyk berýän kömelekleriň genlerini ýerleşdirip, täsin biologik netije gazandylar. Häzirki wagta çenli bu tehnologiýa günebakar, orhideýa we hrizantema ýaly ösümlikleriň 20-den gowrak görnüşinde şowly synag edildi.

Taslamanyň awtory, «Magicpen Bio» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Li Ženhan bu täzeligiň şäherleriň görküne görk goşjakdygyny nygtaýar. Hünärmenler bu «janly çyralary» döretmekde iki sany esasy usuly ulanýarlar:

1. Genetiki usul: bu usulda ösümligiň özi tebigy ýagdaýda ýagtylyk öndürýär we oňa diňe adaty ideg (suw we dökün) ýeterlikdir.

2. Energiýa toplaýjy usul: bu tapgyrda ösümligiň ýapraklaryna stronsiý we alýuminiý ýaly metallaryň nano bölejikleri ornaşdyrylýar. Olar gündizine Günüň energiýasyny özüne siňdirip, gijesine ony yşyk görnüşinde yzyna goýberýärler. Bu usul yşygyň reňkini islege görä sazlamaga hem mümkinçilik berýär.

Bu täzelik diňe bir gözellik däl, eýsem, ykdysady we ekologiýa taýdan uly ähmiýete hem eýedir. Tebigy yşyklandyryş ulgamy elektrik toguny ep-esli tygşytlamaga we adaty köçe çyralarynyň ýerini tutup, daşky gurşawa zyýansyz awtonom yşyk çeşmesi bolmaga ukyplydyr.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlan Merjen ÇERKEZOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

METBUGATDAKY ÇYKYŞLAR

Sanly ykdysadyýet, bilim, emeli aň — döwrümiziň derwaýys ugurlary

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— Halkymyzyň saglygy, abadan we bagtyýar durmuşy biziň alyp barýan döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

AHAL durmuşy

ESASLANDYRYJYSY — AHAL WELAYATYNYŇ HÄKIMLIGI № 32 (4703) 2026-njy ýylyň 6-njy awgusty, penşenbe

№ 32 (4703) 2026-njy ýylyň
6-njy awgusty, penşenbe

SANLY YKDYSADYÝET, BILIM, EMELI AŇ — DÖWRÜMIZIŇ DERWAÝYS UGURLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, ýokary hünär bilimi ulgamynyň halkara derejede bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek, ýokary okuw mekdepleriniň ulgamlaýyn ösüşini kämilleşdirmek ugrunda maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň resminamalary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» hem-de «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy», şeýle-de olary amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamalary sanly we innowasion usullary giňden ornaşdyrmagyň giň wezipelerini öz içine alýar. Meýilnamalaýyn ýerine ýetirilmeli çäreleriň hatarynda milli emeli aň strategiýasyny taýýarlamak, pudaklarda emeli aň bilen bagly tehnologiýalary ornaşdyrmak we kämilleşdirmek, bu ugurda hünärmenleri taýýarlamak, olaryň hünär derejelerini yzygiderli ýokarlandyrmak wezipeleri hem bar.

Emeli aň barha netijeli häsiýete eýe bolup, adam işiniň dürli ugurlaryna has çuňňur aralaşýar. «Akylly» programmalar häzir diňe kibernetikada däl, eýsem lukmançylykda, ykdysadyýetde, logistikada, önümçilikde we oba hojalygynda hem ulanylýar. Bu sanaw gün-günden artýar. Emeli aň adam başarnyklaryny gaýtalamak üçin işlenip düzülen programmalaryň toplumyna degişlidir. Emeli aň alnan maglumatlara esaslanyp netije çykaryp bilýän ugurlaryň we usullaryň toplumydyr. Ähli usullaryň umumy häsiýeti maglumatlar toplumyndan bilim çykarmak ukybydyr.

Köp adamyň pikiriçe, öňler emeli aňyň diňe sözleri terjime etmäge, adamyň gepleşigine düşünmäge, obýektleri kesgitlemäge we şoňa meňzeşlere ukyply boljakdygyna garaşylýardy. Şeýle-de bolsa, 2020-nji ýyla çenli emeli aň örän köp ugurlary gurşap aldy. Emeli aňyň internetde ulanylyşy Google Brain taslamasyndan (2011) başlady. Bu ösüşiň netijesinde Google gözleginde emeli aň bilen dolandyrylýan aýratynlyklar girizildi. Hususanda, bu Google-terjimede sesli girişi öz içine alýar. Ulanyjy diňe bir söz ýa-da jümle aýtsa, kompýuter ony terjime edýär.

Maliýe ulgamynda emeli aň karz alýanlaryň maliýe taryhyny seljerip, karz bermek, göterimleri kesgitlemek ýaly wezipelerde netije çykarmaga kömek edýär. Maliýe ulgamynda emeli aňyň ulanylmagynyň mysaly hökmünde «MasterCard» halkara töleg ulgamyndaky «Decision Intelligence» hyzmatyny görkezmek bolar. Bu tehnologiýa pul geçirimlerini iň ýokary takyklyk bilen tassyklamaga we ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär, şeýle hem ýalan netijeleri azaltmaga mümkinçilik berýär. Karz hyzmatlarynda emeli aňyň maksady karz alyjylaryň hasabat taryhyny çalt seljermek, karz çözgütlerini kabul etmek, gijikdirilen tölegleriň we puluň yzyna gelmezlik ähtimallygynyň sanyny azaltmakdyr.

Söwda ulgamynda emeli aň üstünlikli ulanylýar. Söwdada emeli aň öňki satyn alan zatlaryňyz, gözlegleriňiz hakyndaky maglumatlara esaslanyp, gyzyklanýan görnüşleriňizi maslahat berýär. Müşderilere önümleridir hyzmatlary maslahat bermekde, köplenç, emeli aň ulanylýar. Iri söwda ulgamynyň eýesi bolan «Walmart» munuň ajaýyp mysalydyr. Emeli aňy işe girizmek arkaly, olar özlerinde awtomatlaşdyrylan tölegleri girizdiler, hasapçylyk işini ýönekeýleşdirdiler, eltip bermek hyzmaty üçin dronlary ulanmaga başladylar.

Bu gün emeli aň dürli ugurlarda ep-esli ösüş gazanyp, durmuşyň köp taraplaryny özgerdip biljek güýje eýe boldy. Emeli aň adam akylynyň önümi bolmak bilen, durmuşymyzy ýeňilleşdirmäge gönükdirilendir. Emeli aň ulgamyny netijeli ösdürmek häzirki zaman tehnologik ösüşiniň aýrylmaz şertleriniň birine öwrülýär. Şonuň üçin her birimiz öz işimizde emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, kämil bilim alyp, sanly ösüşlere sazlaşykly goşulmalydyrys.

Bibihajar AKMÄMMEDOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

TELEÝAÝLYMLARDAKY ÇYKYŞLAR

31.07.2026ý.

Gültäç Annamämmedowa

“Türkmenistan sport” teleýaýlymy

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany ýylynda beden taýdan sagdyn ýaş nesli terbiýelemek, bedenterbiýe we sport hereketlerini ýaýbaňlandyrmak babatda ýurdumyzda amala aşyrylýan işler baradaky söhbetdeşligi

TELEÝAÝLYMLARDAKY ÇYKYŞLAR

31.07.2026ý.

Gözel Mätiýewa

“Türkmenistan sport” teleýaýlymy

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan-bedew batly at-myradyň mekany ýylynda beden taýdan sagdyn ýaş nesli terbiýelemek, bedenterbiýe we sport hereketlerini ýaýbaňlandyrmak babatda ýurdumyzda amala aşyrylýan işler baradaky söhbetdeşligi

INTERNET SAÝTLARYNDA

29.07.2026ý.

Nyýazsoltan Nobatowa

Türkmenistanyn Bilim ministrliginde Hormatly Prezidentimiziň 10-njy iýulda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beren tabşyryklaryndan hem-de Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň 15-nji iyulda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde eden taryhy çykyşynda beren gymmatly maslahatlaryndan ugur alyp, geçirilen «TÜRKMENISTANYN HALK MASLAHATY-AGZYBIRLIGIŇ, JEBISLIGIŇ, ÖSÜŞLERIŇ AÝDYŇ ÝOLY» atly maslahaty mynasybetli çykyşy

INTERNET SAÝTLARYNDA

Halk Maslahaty: bedew batly ösüşleriň binýady

THE ASHGABAT TIMES

HABAR PORTALY

https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026/08/halk-maslahaty-bedew-batly-osuslerin-binyady/

01.08.2026

Selbi Hemraýewa,

“Halkara maliýe” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp

MAKALALAR

Halk Maslahaty: bedew batly ösüşleriň binýady

01.08.2026

Her bir halkyň taryhynda onuň ruhy dünýäsini, döwletlilik ýörelgelerini we geljege bolan ynamyny özünde jemleýän aýratyn möhüm sahypalar bolýar. Ol bolsa döwletiň ösüş ýoluny kesgitläp, halkyň ykbalynyň, arzuwlarynyň we beýik maksatlarynyň bitewilige öwrülýän döwrüni alamatlandyrýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň häzirki ösüş ýolunda Halk Maslahaty hem şeýle taryhy ähmiýetli başlangyçlaryň biridir.

Ýakynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisiniň hem döwletimiziň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda möhüm waka bolandygyny buýsançly bellemek gerek. Bu mejlisde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz taryhy mazmunly çykyş edip, ýurdumyzyň öňünde duryan möhüm wezipeleri kesgitledi, halkymyzyň agzybirligini we döwletimiziň ösüş kuwwatyny has-da pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary öňe sürdi.

Gahryman Arkadagymyzyň her bir çykyşynyň özeninde çuňňur döwletlilik garaýşy, halkyň ykbalyna bolan belent jogapkärçilik duýgusy duýulýar. Milli Liderimiziň alyp barýan beýik işleriniň esasy manysy diňe bir ykdysady ösüşi gazanmak bilen çäklenmän, eýsem, döwletiň iň gymmatly baýlygynyň — adamyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekden ybaratdyr. Şonuň üçin hem öňe sürülýän başlangyçlarda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, ýaş nesillere giň mümkinçilikleri döretmek, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak ýaly belent maksatlar öz beýanyny tapýar.

Gahryman Arkadagymyzyň her bir çykyşynyň özeninde çuňňur döwletlilik garaýşy, halkyň ykbalyna bolan belent jogapkärçilik duýgusy duýulýar. Milli Liderimiziň alyp barýan beýik işleriniň esasy manysy diňe bir ykdysady ösüşi gazanmak bilen çäklenmän, eýsem, döwletiň iň gymmatly baýlygynyň — adamyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekden ybaratdyr. Şonuň üçin hem öňe sürülýän başlangyçlarda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, ýaş nesillere giň mümkinçilikleri döretmek, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak ýaly belent maksatlar öz beýanyny tapýar.

Halk Maslahatynyň işiniň esasy ugurlarynyň biri hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine gönükdirilen döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam bermekden ybaratdyr. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň döwlet gurluşyny kämilleşdirmek, halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak boýunça öňe sürýän başlangyçlary häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär. Halkymyzyň parahat, asuda we abadan durmuşda ýaşamagy üçin alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

Selbi HEMRAÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

INTERNET SAÝTLARYNDA

THE ASHGABAT TIMES

HABAR PORTALY

https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026u/08/halk-maslahaty-jebisligin-agzybirligin-we-umumymilli-ososin-binyady/

01.08.2026

Medet Soltanow,
“Maliýe gözegçiligi” taýýarlyk ugry,
3 ýyl talyp

Halk Maslahaty: jebisligiň, agzybirligiň we umumymilli ösüşiň binýady

Halk Maslahaty: jebisligiň, agzybirligiň we umumymilli ösüşiň binýady

01.08.2026

Türkmen halkynyň döwletlilik ýörelgelerinde, asyrlaryň dowamynda kemala gelen agzybirlik, maslahatlaşyp çözgüt kabul etmek däbi aýratyn orun eýeleýär. «Halkda Hakyň ady bar», «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz», «Geňeşli salamat bolar» diýen parasatly sözler halk durmuşynda giňden orun alypdyr. Şu ýylyň 23-nji sentýabrynda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde geçiriljek Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi bu durmuşy ýörelgäniň mynasyp dowamydyr.

Milli däp-dessurlarymyza eýeryän Türkmenistanyň Halk Maslahaty ýaşulular bilen ýaş nesliň arasyndaky baglanyşygy has aýdyň ýüze çykarýar. Halk Maslahatynda öňe sürülýän başlangyçlar esasynda ýaşlaryň bagtyýar şu gününi we geljegini nazarlaýan çözgütler kabul edilýär. Şunda ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň nobatdaky mejlisini geçirmegi milli demokratiýanyň ýörelgeleriniň ulgamlaýyn durmuşa geçirilýändigini subut edýär. Onda şanly senä we möhüm taryhy waka ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça döwlet Baştutanymyzyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmegiň wajyp meselelerine garaldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Türkmenistanyň Halk Maslahatynda garalýan meseleler ýurdumyzyň sazlaşykly ösüşi bilen bir hatarda, halkymyzyň, ylaýta-da, ýaş nesilleriň abadan durmuşynyň ýokary derejesini öz içine alýar». Şu nukdaýnazardan, ýaşlaryň amatly şertlerde ýaşamaklary, dynç almaklary, zähmet çekmekleri, döredijilik bilen meşgullanmaklary üçin berk kanunçylyk binýadyny kemala getirmek, olaryň geljekde watansöýüji, zähmetsöýer ýaşlar bolup ýetişmekleri ugrunda ähli zerur tagallalary etmek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

«Türkmenistanyň Halk Maslahatynda garalýan meseleler ýurdumyzyň sazlaşykly ösüşi bilen bir hatarda, halkymyzyň, ylaýta-da, ýaş nesilleriň abadan durmuşynyň ýokary derejesini öz içine alýar». Şu nukdaýnazardan, ýaşlaryň amatly şertlerde ýaşamaklary, dynç almaklary, zähmet çekmekleri, döredijilik bilen meşgullanmaklary üçin berk kanunçylyk binýadyny kemala getirmek, olaryň geljekde watansöýüji, zähmetsöýer ýaşlar bolup ýetişmekleri ugrunda ähli zerur tagallalary etmek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň alyp barýan işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň alyp barýan beýik işleri biz — ýaş nesiller üçin döwletli başlangyçlara, ýokary üstünliklere badalgadyr. Gahryman Arkadagymyzyň: «Men Watanymyzyň güýç-kuwwaty, abraý-mertebesi hem-de beýik geljegi bolan ýaşlarymyzyň alyp barýan işlerine ýokary baha berýärin» diýen ganatly sözleri bolsa bizi beýik işlere ruhlandyrýar. Şeýle uly ynama ygrarly ýaşlar Milli Liderimize hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarlar.

Medet SOLTANOW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

PDF Button

28

INTERNET SAÝTLARYNDA

Sport diplomatiýasy: dostluk we parahatçylyk

THE ASHGABAT TIMES

HABAR PORTALY

https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026/08/sport-diplomatiyasy-dostluk-we-parahatcylyk/

03.08.2026

Şamyrat Ýazberdiýew,

“Halkara maliýe” taýýarlyk ugry, 3 ýyl talyp

ÄHLI KATEGORIÝALAR + HABAR + SÖHBETDEŞLIK + MEDIA + AUDIO OKUW SAPAK +

MAKALALAR

Sport diplomatiýasy: dostluk we parahatçylyk

03.08.2026

Bedenterbiýe we sport jemgyýetiň sagdynlygyny üpjün edýär, halklary we döwletleri jebisleşdirýär. Şunda täze taryhy döwrümizde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda bu ulgamy toplumlaýyn özgertmek babatda amala aşyrylýan işleriň oňyn netijeleri berýändigi buýsançly hakykatdyr. Dostlugyň we parahatçylygyň, sportuň hem-de ynsanperwerligiň belent ýörelgelerini rowaçlandyrýan döwlet syýasatymyzyň netijesinde, Türkmenistan halkara sport ýaryşlarynyň geçirilýän mekanyna öwrüldi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Bedenterbiýe we sport döredijilik başlangyçlaryny, maksada okgunlylygy höweslendirýän sagdynlygyň hem gujur-gaýratyň çeşmesidir. Çünki dürli ýaşdaky raýatlarymyzyň, hususan-da, ýaş nesillerimiziň saglygy üçin bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak döwrüň möhüm talabydyr» diýip belleýär. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň ýol-ýörelgelerine eýerip, eziz Diýarymyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmäge gönükdirilen asylly başlangyçlar dünýäniň abraýly sport düzümleri tarapyndan giň goldawa eýe bolýar.

Sport halklaryň arasynda dost-doganlygy, ynanyşmagy we parahatçylygy berkidýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzda hem «Sport — parahatçylygyň ilçisi» şygarymyz dünýäde giňden dabaralanýar. Şunda Monte-Karlo halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy möhüm waka boldy.

Sport halklaryň arasynda dost-doganlygy, ynanyşmagy we parahatçylygy berkidýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylymyzda hem «Sport — parahatçylygyň ilçisi» şygarymyz dünýäde giňden dabaralanýar. Şunda Monte-Karlo halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna goşan uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy möhüm waka boldy.

Bütin dünýäde parahatçylygy, dost-doganlygy dabaralandyrýan sport diplomatiýasynyň rowaçlanmagy ugrunda beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

Şamyrat ÝAZBERDIÝEW,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

PDF Button

38

INTERNET SAÝTLARYNDA

Bilimler baýramy – paýhasyň we döredijiligiň gözbaşy

THE ASHGABAT TIMES

HABAR PORTALY

https://ashgabattimes.com/index.php/tm/2026/08/bilimler-bayramy-payhasyn-we-doredijiligin-gozbasy/

03.08.2026

Güljahan Ballykowa,
“Maliýe” taýýarlyk ugry,
2 ýyl talyp



INTERNET SAÝTLARYNDA

https://tyy-news.gov.tm/post/10552

03.08.2026

Gülşat Çaryýewa,
“Maliýe” taýýarlyk ugry,
2 ýyl talyp

Ýurtda şeýle görnüşde dabaralanýan demokratik gymmatlyklaryň jemgyýete ornaşdyrylmagy bilen adamlaryň medeni, hukuk, syýasy düşünjeliligi ýokarlanýar. Şu özgertmeler bilen bir hatarda, raýat jemgyýetiniň institutlary has-da işjeňleşýär. Hukuk döwletiniň, şeýle hem raýat jemgyýetiniň esasy görkezijileriniň biri halkyň häkimiyeti, ýagny raýatlaryň döwletiň we jemgyýetiň durmuşyny dolandyrmaga ginden gatnaşmagynyň üpjün edilmegi bolup durýar.

Durmuş-ykdysady ösüşi uzak möhletleýin meýilnamalaşdyrmak halk hojalygynyň pudaklarynyň deňagramly ösüşiniň esasy ugurlaryny, maksatlaryny, ileri tutulýan wezipelerini kesgitlemek hem-de bu babatda zerur meýilnamalarydyr çäreleri işläp düzmek üçin örän wajyp dyr. Şu jähetden Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň nobatdan daşary mejlisinde kabul edilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyn Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» geljek 30 ýylda ýurdumyzy syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan ýokary depginlerde ösdürmegi üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Täze kanunlaryň işlenip taýýarlanylmalydygy barada aýdyldy. Milli Liderimiz bu işleriň paýhasly pederlerimiziň döreden milli ýörelgeleri bilen utgaşykly dowam etdirilmegi babatda birnäçe maslahatlaryny berdi we gazanylýan ösüşleri giňden wagyz etmelidigine ünsi çekdi. Elbetde, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilýän çözgütlerden gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmäge ýakyndan ýardam bermek we giň halk köpçüligine wagyz-nesihat etmekde ýurdumyzyň syýasy partiýalary, jemgyýetçilik guramalary özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Täze kanunlaryň işlenip taýýarlanylmalydygy barada aýdyldy. Milli Liderimiz bu işleriň paýhasly pederlerimiziň döreden milli ýörelgeleri bilen utgaşykly dowam etdirilmegi babatda birnäçe maslahatlaryny berdi we gazanylýan ösüşleri giňden wagyz etmelidigine ünsi çekdi. Elbetde, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilýän çözgütlerden gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmäge ýakyndan ýardam bermek we giň halk köpçüligine wagyz-nesihat etmekde ýurdumyzyň syýasy partiýalary, jemgyýetçilik guramalary özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Halkyň arasynda Halk Maslahatynyň mejlisiniň ähmiýetini düşündirmek, maslahatyň ýokary derejede geçirilmegine taýýarlyk görülmegine mynasyp goşantlaryny goşmak her bir syýasy partiýanyň hem-de jemgyýetçilik guramasynyň işgärleriniň mukaddes borjy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe belent maksatly işleriň halkyň bähbidine gönükdirilmegi hem, ilkinji nobatda, raýatlara aýratyn ähmiýet berilýändiginiň subutnamasy bolup durýar. Öňde duryan möhüm wezipeleri halk köpçüligine, ýaşlara düşündirmekde, wagyz etmekde şäherimiziň jemgyýetçilik guramalary bilen birlikde, degişli edara-kärhanalarynda meýilnamalaýyn çäreleri yzygiderli geçirýäris.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň taryhy mejlisinde döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda milli ruhly, döwrebap pikirlenýän ýaşlaryň, şol sanda ýaş ýolbaşçylaryň kemala gelendigi baradaky meselä aýratyn üns berdi. Ýurdumyzy mundan beýläk-de durnukly we durmuş-ykdysady taýdan hemmetaraplaýyn ösdürmekde, onuň dünýä giňişligindäki ornuny berkitmekde örän uly kesgitleýji ähmiýete eýedigi nazara alnyp, ýaşlara döwlet ähmiýetli jogapkärli işler ynanylýar.

Beýik işleri, umumadamzat ähmiýetli tagallalary bilen merdana halkymyzy döredijiliki zähmete ruhlandyrýan türkmen halkynyň Milli Liderиniň hem-de Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

Gülşat ÇARYÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

Milli demokratiýanyň dabaralanmasy

INTERNET SAÝTLARYNDA

https://tyy-news.gov.tm/post/10553

03.08.2026

Aýjeren Bäşimowa,
“Maliýe menejmenti” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

Halk Maslahaty: demokratiýa, döwletlilik, jebislik

HALK MASLAHATY: DEMOKRATIÝA, DÖWLETLILIK, JEBISLIK

03-08-26

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türken halkynyň Milli Lidei Gahryman Arkadagymyzyň döwlet gurluşyny kämilleşdirmek, halkyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak, ykdysady kuwwaty artdyrmak boýunça öňe sürýän başlangyçlary häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli dowam etdirilýär. Milli gymmatlyklara, asylly ýörelgelere uly ünsberilýär we olar döwrebap derejede ösdürilýär.

Toý-baýramlara beslenýän mukaddes watanymyzda asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyzdan miras bolup, nesillerden-nesillere geçip gelýän il bolup geňeş etmek, halka sala salmak ýaly asylly ýörelgeler täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylyp, üstünlikli dowam etdirilýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň öňüsyrasynda – 23-nji sentýabrda geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi bu mizemez hakykatyň nobatdaky subutnamasy bolar.

Milli Liderimiziň gatnaşmagynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi ýurdumyzda umumymilli foruma görülýän taýýarlyk işlerine resmi taýdan badalga bermekde möhüm waka boldy. Gahryman Arkadagymyz Halk Maslahatynyň ýurdumyzyň Mejlisi, Türkmenistanyň Hökümeti, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikdäki işleri dowam etdirip, Watanymyzy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça netijeli işleri alyp

HORMATLY PREZIDENTIMIZ SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

– Häzirki döwürde Garaşsyz Türkmenistan öz ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdy. Bu döwür «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy» diýlip atlandyryldy. Ösüşiň şu täze döwründe biz öz öňümizde has belent maksatlary goýduk.

Активация Windows
Чтобы активировать Windows, п
"Параметры".

Türkmen halkynyň döwlet gurluşy babatda köp asyrlyk taryhymyzda ata-babalarymyz tarapyndan örän baý tejribeler toplanyp, pederlerimiziň ygtyýarly jemgyýetçilik wekilleri bilen ählihalk ýygnaklary geçirilipdir. Munda iň wajyp syýasy, ykdysady, durmuş meseleleri çözmek baradaky asylly däplerden ugur alnyp, umumy ykrar edilen demokratik ýörelgelere eýerilipdir. Häzirki wagtda hem şol asylly ýörelgeler dowam edýär. Ilatymyzyň giň gatlaklaryny möhüm jemgyýetçilik-syýasy çözgütleriň kabul edilmegine gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen, halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatyna uly orun degişli bolup durýar.

Türkmen halkynyň taryhy köklerine nazar aýlasak, agzybirlikde çözgüt kabul etmek, ýaşulularyň paýhasyna daýanmak, umumy bähbidi şahsy isleglerden belentde goýmak ýaly ajaýyp ýörelgeler asyrlar aşyp gelýär. Halk Maslahaty şol gadymy demokratik ýörelgeleri häzirki döwrüň döwlet gurluşynyň talaplary bilen utgaşdyrýan, türkmen döwletlilik pelsepesiniň täze eýýamdaky özboluşly beýany hökmünde ýüze çykýar. Şu jähetden, geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisiniň hem döwletimiziň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda möhüm waka bolandygyny buýsançly bellemek gerek.

Şu ýyl, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýokary derejede geçiriljek Halk Maslahaty il-ýurt hem-de tutuş adamzat ähmiýetli işleriň üstünlikli amala aşyryljakdygynyň aýdyň kepilidir. Biziň ajaýyp ýurdumyzyň ösüş aýratynlygy, ilkinji nobatda, halkymyza goýulýan aýratyn sarpa, diňe halk bähbitli, döwlet ähmiýetli alnyp barylýan işler bolup durýar. Döwletlilik ýörelgelerimiz dowam etdirilýär, taryhda yz galdyran, beýik işleri bitiren pederlerimiziň, meşhur şahsyýetlerimiziň mertebesi saklanylýar. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlaryň kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri üçin uly aladalar edilýär. Olara asylly ýörelgelerimiz, däp-dessurlarymyz düşündirilýär, wagyz edilýär.

Belent tutumly işlerini diňe halkynyň aladasyna gönükdirýän, ýurdumyzy diňe ösüşlerden ösüşlere alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleri rowaçlyklara beslensin!

Aýjeren BÄŞIMOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

INTERNET SAÝTLARYNDA

https://tyy-news.gov.tm/post/10554

03.08.2026

Kümüş Gurbanowa,

“Halkara maliýe” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

Bilimleriň we bilimlileriň Watany

BILIMLERIŇ WE BILIMLILERIŇ WATANY

03-08-26

Ýurdumyzyň baş şäheriniň keşbi düýpgöter özgerip, sazlaşygyň we gözelligiň beýanyna öwrüldi. Şanly wakalardan doly we döredijilikli täze durmuş başdan geçirýän eziz Diýarymyz döwrebap derejede ösen ylym-bilim merkezidir. Ak mermerli paýtagtymyzda, ýurdumyzyň beýleki şäherleridir etraplarynda öndebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen täze döwrebap mekdepler, çagalar baglary, sport toplumlary, dynç alyş we döredijilik merkezleri gurulýar. Olarda okamak hem-de bilimiňi artdyrmak üçin ähli şertler döredilendir.

Berkarar döwletimizde yglan edilen 2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýokary okuw mekdepleriniň ençemesini özünde jemleýän ýurdumyzda milli hünärmenlerimiz dünýäniň ösen bilim derejesinde taýýarlanylýar. Türkmen talyplarynyň halkara ýaryşlarynda ýeňiş gazanýandygy baradaky hoş habarlar yzygiderli eşidilýär, merjen şäherimizde dünýäniň zehinli ýaşlarynyň arasynda olimpiadalar geçirilýär. Munuň özi ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynda halkara gatnaşyklaryň iri merkezine öwrülýändiginden nyşandyr.

HORMATLY PREZIDENTIMIZ SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

– Häzirki döwürde Garaşsyz Türkmenistan öz ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdy. Bu döwür «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy» diýlip atlandyryldy. Ösüşiň şu täze döwründe biz öz öňümizde has belent maksatlary goýduk.

Активация Windows

ösüşi arkaly kitap okamak işi has kämilleşýär. Häzirki döwürde kitaplar elektron görnüşinde, onlaýn tertibinde okyjylara elýeterli boldy. Kompýuteriň ýa-da ykjam telefonlaryň kömegi bilen meşhur kitaphanalara aralaşmak we gerek neşiriň sanly görnüşini almak mümkinçiligi ýola goýuldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bilimleriň we bilimlileriň watany bolan Türkmenistan ýaş nesillerimiziň aň-paýhas kuwwatynyň, ylmy gözlegleriniň doly durmuşa geçirilmegi üçin özboluşly meýdança öwrüldi.

Häzirki sanly bilimiň kämilleşýän döwründe ýaşlary bu ugra has işjeň çekmek maksady bilen, dürli ugurlar boýunça maglumatlary toplamak, bellibir ugry çuňlaşdyryp öwretmek üçin olaryň degişli çykyşlary taýýarlamaklaryny gurnamak, sowal-jogap alyşmak, bäsleşikleri yglan etmek ýaly çäreleri geçirmek, sanly aragatnaşyk arkaly beýleki mekdepleriň ýaşlarynyň arasynda dürli bäsleşikleri guramak, sanly aragatnaşykda duşuşyklary geçirmek, ussat mugallymlaryň okuw sagatlaryny gurnamak ýaly çäreler netijeli häsiýete eýedir. Sanly aragatnaşygyň üsti bilen, bu hyzmatdaşlygy has ýygy-ýygydan we maksatlaýyn ugurlar boýunça geçirmek wajypdyr.

Çünki Diýarymyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmekde alnyp barylýan bilim-terbiýeçilik, ylym, sport, medeni-köpçülikleýin işleri ýurdumyzda amala aşyrylýan döwlet ähmiýetli özgertmeleri, ösüşleri giňden şöhlelendirmekde sanly bilim ulgamynyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak maksadalaýykdyr. Munuň özi Türkmenistanyň bilim ulgamyndaky giň gerimli halkara işiniň diňe bir ugrudyr.

Umuman, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş türkmenistanlylara özleriniň zehinini, ukyplaryny, mümkinçiliklerini açyp görkezmek üçin oňaýly şertler döredilýär. Ýaşlaryň kämillik ýolunda öňe ilerlemegi ugrunda edýän atalyk aladalary üçin türkmen halkynyň Milli Liderиniň hem-de Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

Kümüş GURBANOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

INTERNET SAÝTLARYNDA

https://tyy-news.gov.tm/post/7196

03.08.2026

Aýlar Ataýewa,
“Maliýe menejmenti” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

Halk maslahaty — milli demokratiýanyň dabaralanmagy

HALK MASLAHATY — MILLI DEMOKRATIÝANYŇ DABARALANMAGY

03-08-26

HORMATLY PREZIDENTIMIZ SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

Berkarar döwletimizde milli ýörelgelerimiz üstünlikli ösdürilýär, halkymyzyň bagtyýar durmuşy üçin beýik işler durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ata Watanymyz ähli babatda üstünliklere eýe boldy. Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgesi türkmen halkyna bagtyýar durmuşy peşgeş berdi. Türkmen halky gadymy döwürlerden bäri uly işiň başyny tutanda ýaşulular bilen maslahatlaşyp, köpi gören adamlar bilen geňeş edipdir. Ata-babalarymyzyň bir supranyň başyna jemlenip, maslahat etmek esasy ýörelgeleri bolupdyr. Pederlerimizden miras galan şeýle asylly ýörelgeler häzirki ajaýyp zamanamyzda hem dowam etdirilýär. Demokratik ýörelgelere eýerilip, il-ýurt bähbitli möhüm çözgütler kabul edilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň işi halkyň bähbidiniň ileri tutulmagyny üpjün edýär.

Türkmen halkynyň toýlary toýtara ulaşýar, baýramlar uly dabaralar bilen belleniljek. Ynha, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda şanly Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk toýuny toýlarys. Şeýle şanly baýramçylyk günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi ýokary derejede geçirler. Türkmen halkyna bagtyýar durmuşy peşgeş eden Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen asylly ýörelgelere eýerilip, milliiň ýoly dowamat-dowam bolýar. Halk Maslahaty hem asyrlaryň dowamyndan gelýän agzybirlik, milli demokratik ýörelgelerimiziň döwrebap ösdürilýän ugurlarydyr. Tarýhda ata-babalarymyz hem il sylagly ýaşulularyň gatnaşmagynda uly maslahat geçirip, il-ýurt bähbitli meseleleri çözüpdirler. Bu barada ata-babalarymyzdan galan nakyllar, atalar sözleri hem bize ýol-ýörelge bolup durýar. “Maslahatly biçilen don gysga bolmaz”, “Ýedi ölçäp, bir kes” diýlen nakyllar türkmen halkynyň her bir işi maslahatly edýändigini aňladýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz beýik üstünlikler, taryhy özgertmelere eýe bolýar. Munuň şeýledigine gazanylýan ykdysady üstünlikler şaýatlyk edýär. Bu döwürde ýurduň ykdysady kuwwatynyň artmagy bilen täze gurluşlar desgalarynyň sany barha köpelýär. Ýurdumyzyň şäherleriniň we obalarynyň binagärlik keşbi düýpgöter özgerýär, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary, täze mekdepler, beýleki durmuş-ykdysady desgalar guruljar. Bularyň ählisi iň kämil tehnologiýalar bilen üpjün edilendir. Dünýä nusgalyk Arkadag şäheri iň döwrebap mümkinçiliklere eýe bolup, onuň ajaýyp keşbi halkymyzyň buýsanjyna öwrüldi. Ynha, şeýle beýik üstünlerimizi, oňyn özgertmeleri ara alyp maslahatlaşmak, röwşen geljegimize aýdyň maksatlar tutmak döwletlilikden nyşandyr. Hut şonuň üçin hem sentýabr aýynda geçirilýek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi aýratyn ähmiýete eýe bolar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri döwlet ähmiýetli meseleleri çözmäge, ýurdumyzda özgertmeleriň we durmuş-ykdysady maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine halk köpçüliginiň giňden çekmäge, teklipleri işläp taýýarlamaga, maslahatlary bermäge, halkyň agzybirliginiň, bitewüliginiň, jebisliginiň, asudalygyny, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň täze döwürde beýik özgerişler ýoly bilen depginli ösmegine, has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek hem-de hyzmat etmek bolup durýar.

Ajaýyp zamanamyzda ata-babalarymyzyň il bilen bolmak, begenen gününde şatlygyny paýlaşmak ýörelgeleri halkymyzyň baý durmuş tejribesinden, nusga alarlyk medeniýetinden habar berýär. Olar döwletliligi, rysgal-bereketliligi, ýagşy niýetliligi, pespälligi, ynsanperwerligi ömrüň manysy hasap edipdirler. Şu ýörelgelere eýerilip, ýaşlarda adamzadyň bagtly ýaşaýşy üçin zerur bolan asyllylyk, medeniýetlilik, ynsanperwerlik, birek-birege goldaw bermek ýaly häsiýetler terbiýelenýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen gazanylýan belent üstünliklere, beýik ösüşlere nazar aýlanyňda, şanly Garaşsyzlygymyza buýsanjyň has-da goşalanýar. Çünki Garaşsyzlygymyzy berkitmekde, ykdysady ösüşlerimizi dünýä derejesinde ösdürmekde Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýik işleri bu gün netijeliligi bilen tapawutlanýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýetilen sepgitler, uly ösüşler beýik taryhy öz içine alýar. Bu döwürde türkmen halkynyň beýik taryhy kemala geldi, dünýä içre ýaýlydy.

Türkmen halkynyň bagtyýarlygy, dünýä içre şan-şöhraty Garaşsyzlygyň beren datly miwesidir. Gurýan, döredýän, öňe barýan halkyň bagtyýarlygy mukaddes Garaşsyzlyk bilen berk baglanyşyklydyr. Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly toýunyň belleniljek günlerniň öňüsyrasynda geçiriljek döwletli maslahatda halk bähbitli, ýurt ähmiýetli möhüm çözgütler kabul ediler. Bu kabul ediljek taryhy çözgütler bolsa geljegimiz bolan ýaş nesilleriň aýdyň ertirlerini kepillendirer.

Aýlar ATAÝEWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

INTERNET SAÝTLARYNDA

https://tyy-news.gov.tm/post/9838

03.08.2026

Behişt Gulowa,

“Halkara maliýe” taýýarlyk ugry, 2 ýyl talyp

Bilimli ýaşlar — Watanyň daýanjy

BILIMLI ÝAŞLAR — WATANYŇ DAÝANJY

03-08-26

HORMATLY PREZIDENTIMIZ SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

– Häzirki döwürde Garaşsyz Türkmenistan öz döwletini täze tapgyrynsa gadam basdy. Bu döwür «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy» diýlip atlandyrylýar. Üstümizde biz öz öňümizde has belent maksatlary goýduk.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde geçilen şöhratly ýola nazar aýlanyňda ýurdumyzyň häzirki wagta çenli gazanan üstünlikleri, beýik ösüşleri ýüreginde buýsanç duýgularyny eçilýär. Şeýle okgunly öňegidişliklerin bu günki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda beýik işler bilen mynasyp dowam etdirilýändigi bolsa bagtyýar raýatlarymyzy döredijilikli zähmet çekmäge, agzybirlikde, jebislikde täze-täze zähmet üstünliklerini gazanmaga ruhlandyrýar.

Bilşimiz ýaly, ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda ýaşlar aýratyn orny eýeleýär. Berkarar döwletimizde ýylan edilen 2026-njy — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň hem ýaşlar syýasatynyň täzeçe röwüşde dabaralanýan ýylydygyny buýsanç bilen aýdyp bileris. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaş nesiller bilen yzygiderli duşuşyp, olaryň geljekki ykbaly bilen gyzyklanmagy, arzuw-isleglerini diňläp, gymmatly öwüt-nesihatlaryny bermegi, ýaşlarymyzyň röwşen geljegine gönükdirilen möhüm çözgütleriň durmuşa geçirilmeginde taýsyz tagallalary edip, ajaýyp başlangyçlaryň amala aşyrylmagy üçin her bir işi maslahatly, geňeşli çözmegi indi ýurdumyzda asylly däbe öwrüldi.

Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň baştutanlygynda Diýarymyzyň abadanlaşdyrylan, ýokary hilli ýaşaýyş jaý toplumlary gurulýan, öňdebaryjy tehnologiýaly iri senagat toplumlary döredilýän obadyr şäherçelerini, etrap merkezlerini, şäherlerini synlanyňda ertelerimiziň nurana, geljegimiziň ýagty boljakdygyna ynamymyz has-da berkeýär. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän giň gerimli özgertmeleri, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň sanlaşdyrylmagy döwletimiziň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün edip, halkymyzyň hal-ýagdaýyny düýpli ýokarlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan giň gerimli işler, durmuşa ornaşdyrylýan halk bähbitli Kararlar ýurdumyzyň ähli sebitlerini deň derejede, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Durmuşa geçirilýän özgertmeleriň netijelerini synlanymyzda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň mähriban halkymyza we Garaşsyz Watanymyza bolan egsilmez söýgä ýugrulan taglymatdygyna doly göz ýetirýäris. Bu taglymatyň aýratyn hem ýaşlarda iň asylly häsiýetleri — watansöýüjiligi, ahlak arassalygyny, ruhubelentligi terbiýelemäge we bilesigeliji bolmaga çagyrýan taglymatdygy guwandyryjy hakykatdyr.

Eziz Watanymyzyň geljegi bolan ýaşlaryň döwrümiziň barha ösýän talaplaryna laýyk bilim almagyny, dürli hünärleri öwrenmegini, ylym we döredijilik bilen meşgullanmagyny, watansöýüjilik ruhunda terbiýelenmegini gazanmak, ahlak we beden taýdan kämil ýaşlary kemala getirmek hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň esasyny düzýär. Ýaşlaryň jemgyýetiň we döwletiň ykdysady, syýasy hem medeni durmuşyna ynamly gatnaşmagyna, hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleriň döredilmegine, ylmyň hem tehnologiýalaryň ýokary depginler bilen ösýän döwründe aň-bilim mümkinçilikleriniň, akyl-ukyplylyk döredijiliginiň ýokarlandyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Alnyp barylýan giň möçberli çäreler ýaşlaryň kalbyna merdana ata-babalarymyzyň Watanymyza we halkymyza wepalylyk, milli ruhy-ahlaklylyk, zähmetsöýerlik, erjellik, maksada okgunlylyk, sagdynlyk, raýatlyk borjuňy berjaý etmek däplerini ornaşdyrmagyny maksat edinýär.

Hawa, eziz Watanymyzda ýaş nesiller we olaryň röwşen geljegi hakyndaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Ýurdumyzyň ähli künjeginde we paýtagtymyz Aşgabat şäherinde ähli amatlyklar döredilen çagalar baglary, umumybilim berýän orta, orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň döwrebap desgalary ýylyň-ýylyna yzygiderli gurlup ulanylmaga berilýär. Okamak, bilim almak bilen bir hatarda, ýaşlara sagdyn durmuş ýörelgesini özleriniň hemişelik hemrasyna öwürmäge, sagdyn we ruhubelent bolmaga, sporty islendik görnüşi bilen meşgullanmaga giň gerimli mümkinçilikler döredilýär. Bu ugurda häzirki zaman sport toplumlary, dynç alyş-sagaldyş merkezleri olaryň hyzmatynda. Bu günki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredip berýän şeýle mümkinçiliklerinden peýdalanýan, eşretli zamandan ruhlanýan, döwrebap bilim alyp, ylymlar dünýäsine çuňňur aralaşýan türkmen ýaşlarynyň gadamlary batly, ruhlary belent, maksatlary aýdyň.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda gazanylan ösüşleri häzirki wagtda ýaşlaryň gazanjak üstünliklerine badalga bolup hyzmat edýär. Muny ýaşlarymyz her ädimde duýup ýaşaýarlar. Eziz Watanymyzyň şöhratly geljeginiň ýaşlar bilen aýrylmaz baglanyşyklydygy hakyndaky düşünjeleriň özeninde hem çuňňur many-mazmun bardyr. Goý, halkymyzyň şeýle ajaýyp, bagtyýar zamanada ýaşamagy, ýaşlarymyzyň döwrebap ylym-bilim alyp, kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri üçin taýsyz tagallalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

Behişt GULOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

INTERNET SAÝTLARYNDA

https://tyy-news.gov.tm/post/9848

03.08.2026

Sähragül Öwezowa,
“Maliýe” taýýarlyk ugry,
2 ýyl talyp

Bagtyýar geljegiň eýesi ýaşlar

BAGTYÝAR GELJEGIŇ EÝESI ÝAŞLAR

03-08-26

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz ähli ugurlarda uly üstünlikleri gazanýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ýörelgelerimiz, halkymyzyň gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýan däp-dessurlary häzirki döwürde mynasyp dowam etdirilýär, ruhy gymmatlyklarymyza aýratyn sarpa goýulýar. Şeýle asylly ýörelgeleri, däp-dessurlary ýaş nesillere öwretmek, olaryň bilimli bolmagyny üpjün etmek esasy ugurlaryň biri bolup durýar. Ata-babalarymyzyň asylly ýörelgesine eýeryän ýaşlar watansöýüji, il-güne wepaly nesiller bolup kemala gelýärler.

Ajaýyp zamanada, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrümizde ylymly, bilimli, berk bedenli, giň dünýägaraýyşly, watansöýüji ýaşlary terbiýelәp ýetişdirmek hormatly Prezidentimiz tarapyndan ýurdumyzda alnyp barylýan ýaşlar syýasatynyň baş maksadydyr. Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň işleri Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli ösdürilýär. Şunda halkymyzyň baý medeni mirasyny gorap saklamak, dikeltmek, öwrenmek hem-de milli gymmatlyklary, däp-dessurlary, maşgala edebini wagyz etmek arkaly sagdyn, ýokary ahlakly, bilimli, watansöýüji ýaş nesli kemala getirmek üçin maksatnamalaýyn işler yzygiderli geçirilip durulýar. Ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly, watansöýüji, zähmetsöýer bolup ýetişmegi ugrunda döwletli işler amala aşyrylýar.

HORMATLY PREZIDENTIMIZ SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

– Häzirki döwürde Garaşsyz Türkmenistan öz ösüşiniň täze tapgyryna gadam basdy. Bu döwür «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy» diýlip atlandyryldy. Ösüşiň şu täze döwründe biz öz öňümizde has belent maksatlary goýduk.

Активация Windows
Чтобы активировать Windows, п
"Параметры".

başarnygy bilen berk baglanyşyklydyr”. Täze taryhy eýýamda ösüp gelýän ýaş nesliň döwrebap terbiýelenmegi, bilim almagy, hünär öwrenmegi, zehin başarnyklaryny açmagy, kämil hünärmenler bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ýaş nesillere milli däp-dessurlarymyz esasynda terbiýe bermek, olara sowat, bilim öwretmek, hünäre ugrukdyrmak işleriniň ähmiýeti örän uludyr. Şonuň üçin hem ýurdumyzda bu ugra aýratyn üns berilýär we bilim ulgamynyň özgertmelerine giň mümkinçilikler döredilýär.

Ylym-bilime oňat düşünýän, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanýan ussat hünärmenler ýurduň ösüşine mynasyp goşant goşýarlar. Şonuň üçin hem ýurdumyzda ýaşlaryň bilim derejesiniň ýokarlanmagy, olaryň dünýäde ykrar edilen okuw maksatnamalarynyň esasynda okadylmagy, täzeçe we düýpli pikirlenip bilýän ýaş hünärmenleriň taýýarlanmagy üçin uly işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiz: “Ýaşlarymyzyň ruhy-ahlak, medeni, aň-bilim we beden taýdan ösüşine uly ähmiýet berýäris. Çünki ylymly-bilimli, sagdyn ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, nurana geljegidir” diýip belleýär. Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, ýaşlaryň ylym-bilimine, aň-bilim we beden taýdan ösüşine uly üns berilýär. Bu bolsa röwşen geljegimiz bolan ýaşlar hakyndaky aladanyň aýdyň beýanydyr.

Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlar hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen milli ruhda terbiýelenip, geçmişimize, milli mirasymyza buýsanýarlar. Olar bagtyýar şu günümize, nurana geljegimize guwanýarlar. Esasan hem nesil terbiýesinde Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp eserleri, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şadiwanlary uly gollanma bolup durýar. Biz hem bilim işgärleri hökmünde bu ajaýyp eserleri çuňňur öwrenip, ýaş nesillerimize kitabyň many-mazmunyny düşündirýäris. Munuň özi ilkinji nobatda, ýaşlarda milli buýsanç döremegine hem-de dünýägaraýyşlarynyň has-da giň bolmagyna oňat ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň “Döwlet diňe halky bilen döwletdir!” diýen baş ýörelgesi ýurduň her bir raýatynyň ajaýyp döwrümizde erkana durmuşda ýaşamagyna, döredijilikli zähmet çekmegine giň şertleri döredýär. Şeýle ajaýyp durmuşyň goýnunda ýaşaýan her bir türkmenistanly Watanymyzyň kuwwatyny mundan beýläk-de artdyrmaga borçludyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watany jandan eziz söýmegiň ýörelgesini, beýik adamkärçiligiň nusgalyk işleri bilen belent duýgulary kalbymyza guýýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

Sähragül ÖWEZOWA,
Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.

RADIOÝAÝLYMLARDAKY ÇYKYŞLAR

31.07.2026 ý.

Nyýazsoltan Nobatowa

“Watan” radioýaýlymy

Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň üstünlikleri barada

31.07.2026 ý.

Gözel Mätiýewa

“Watan” radioýaýlymy

Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk: Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan - bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň üstünlikleri barada

ÜNS BERENIŇIZ ÜÇIN SAG BOLUŇ!